# Entemolog

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Entemolog ENTEMOLOG




– Entemolog asyl kärim,
Diýdi biri tapyp tärin.
Kimligini biljek bolup bu käriň,
Kitap gatlaryny dörüp çykypdym.
Ensiklopediýa, internet goýman,
Biljek bolup, alyn derim döküpdim,
Barybir manysyn çözläp bilmedim.
Tärin gözledim men muny bilmegiň.
Öýlerinden tapmadym men şepäni,
Goňşusyna duşup, soradym ony.
Diýdi goňşy: – Tapmaň ony öýünden,
Çykar muny küýüňden.
Ýaltanma-da aýlan köçeme-köçe,
Tapsaň, ýetir habaryňy,
Iber buşluk çaparyňy.
Enteýäni üçin mydam köçede,
Entemolog diýip dakdyk adyny,
Aýaz, ýel saklamaz hiç zat badyny…
Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular